Ren building myhmanhanasy dünýäniň iň täsin binalarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýär. Ol 2010 -njy ýylda gurlup, häzirki wagtda tutuş ýurtda iň tanalýan binalaryň biridir. Özüniň daşky keşbi boýunça Hytaý ieroglifi bolan ” ren ” ýagny, adam diýen sözüniň ýazylyşyna meňzeşdir.

Binanyň “suwdan çykýan” tarapy dürli sport görnüşleri bilen meşgullanmak üçin niýetlenendir. Onuň “suwa girýän” tarapy ümsümligiň höküm sürýän – adamyň içki ruhy bilen işlemek üçin niýetlenendir.
Binanyň merkezi bölegi: iki tarapyň sepleşip, uly kwadraty emele getirýän ýeri ýagyşdan goraglanan açyk howada maslahat geçirmek üçin niýetlenendir.

Myhmanhananyň içinde dogry 1000 sany otag bolup, isleg bildirýänler ýerleşip bilerler hem-de şäheriň gözel görnüşini synlap bilerler. Huanpu deryasynyň gözelliginden lezzet almak isleýänler hem bu binanyň merkezi böleginiň aşagynda ýygnanyşyp bilerler.
Bu bina açylanda Şanhaý Expo-2010 sergisi üçin niýetlenipdi. Bu bina başgaça Şanhaýyň ” Eýfel başniýasydyr”

**Şatlyk MYRADOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz**
**uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024